## № 3-ammar «Azyk harytlaryň (önümleriň) galyndylary we hereketi barada hasabat » (çärýeklik) döwlet statistik hasabat formasyny doldurmak boýunça GYSGAÇA GÖRKEZMELER

Şu forma boýunça hasabaty özünde bar bolan ýa-da kärendesine alan sowadyjy ammarlary ýa-da senagat häsiýetli doňduryjy kameralary bolan hususy telekeçiler hasabat döwründen soň aýyň 1-ne ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna tabşyrýarlar. Eger-de, sowadyjy ammarlar ýa-da senagat häsiýetli doňduryjy kameralar olaryň eýeleri tarapyndan, şertnama (ylalaşyk) esasynda kärendesine berilse, onda kärendesine beriji (eýesi) kärende şertnamasyna gol çekişilende kärendä alyjynyň № 3-ammar formasy boýunça hasabat tabşyrylmalydygy barada kärendä alyjyny habarly edýär we onuň bilen habarlaşmak üçin maglumaty ýerleşýän ýerindäki statistiki edarasyna bermelidir. Şu ýagdaýda kärendesine berijiniň hut özi sowadyjy ammarlary ýa-da doňduryjy kameralary ulanmaýan bolsa, ol hasabaty doldurmaýar.

Kärendeçiniň tabşyran ýagdaýynda:

- Tirkeşikli kärende (subarenda) sowadyjy ammarlary ýa-da doňduryjy kameralaryň meýdanynyň ählisini kärendä berilen ýagdaýynda, garaşly kärendesine alyjy (subarendator) barada maglumatlary ýerleşýän ýerindäki statistiki edarasyna bermelidir we ol şol ýagdaýda hasabaty doldurmaýar;

-Tirkeşikli kärende (subarenda) sowadyjy ammarlaryň ýa-da doňduryjy kameralaryň kärende meýdanynyň belli bir bölegi berlen ýagdaýynda, garaşly kärendesine alyjynyň (subarendatoryň) şertnamasy baradaky maglumaty ýerleşýän ýerindäki statistiki edarasyna bermelidir, kärende meýdanynyň galan bölegi barada bolsa–hasabaty doldurmaly.

Hasabatda hasabat aýynda azyk harytlaryň (önümleriň) hereketi, şolardan gök önümleriň we ir-imişleriň aýratyn görnüşleri, tonnada görkezilýär.

1-nji sütünde–hasabat döwrüniň başyna galan azyk harytlaryň (önümleriň) galyndylary görkezilýär.

2-5-nji sütünlerde–hasabat döwrüniň dowamynda gelen azyk harytlaryň (önümleriň) çeşmeleri boýunça möçberi görkezilýär: (hususy önümçilik, ilatdan satyn alnany, lomaý satuw söwdasyndan we import).

2-nji sütünde–oba hojalyk (ýyladyşhanalar, fermalar we ş.m.) ýa-da agrosenagat görnüşli önümçilikde hususy telekeçiniň hut özüniň öndüren azyk harytlaryň (önümleriň) möçberi görkezilýär.

6-7-nji sütünde–hasabat döwrüniň dowamynda hakyky ýerlenen azyk harytlaryň (önümleriň) möçberi görkezilýär.

8-nji sütünde–hasabat döwrüniň ahyryna galan azyk harytlaryň (önümleriň) galyndylary görkezilýär.

9-njy sütünde–ammaryň taslama kuwwatynyň ulanylyşy görkezilýär.

01-nji setirde–azyk harytlaryň (önümleriň) ammarlardaky we sowadyjy saklawhanalardaky senagat kysymly sowadyjy kameralary goşmak bilen, jemleýji möçberi görkezilýär.